**2022-nji ýylyň 12-nji noýabrynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň talyplar geňeşi hakynda DÜZGÜNNAMA

## 1. Umumy düzgünler

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň talyplar geňeşi hakynda Düzgünnama (mundan beýläk - Düzgünnama) talyplar geňeşiniň maksatlaryny, wezipelerini, düzümini, döredilmeginiň tertibini, hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär hem-de mekdebiň dolandyryş düzümleri bilen özara gatnaşyklaryny utgaşdyrýar.

1.2. Bu Düzgünnama “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyna hem-de “Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama”, “Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyna, “Sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň” Konsepsiýasyna, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň okuw işini kadalaşdyryjy namalaryna, buýruklaryna we gözükdirijilerine, şeýle hem mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda işlenip düzüldi.

1.3. Talyplar geňeşi mekdepde öz-özüňi dolandyrmagyň bir görnüşi bolup, ol okuw işini dolandyrmakda talyplaryň gatnaşmaga bolan hukuklaryny üpjün etmek, talyp ýaşlaryň durmuşyndaky möhüm meseleleri çözmek, olaryň jemgyýetçilik işjeňligini ösdürmek we jemgyýetçilik başlangyçlaryny goldamak maksatlary bilen döredilýär.

1.4. Talyplar geňeşi talyplaryň hemişelik hereket edýän wekilçilikli, şeýle hem utgaşdyryjy guramasy bolup, ol talyplaryň umumy ýygnagynda kabul edilen we mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanan “Talyplar geňeşi hakyndaky” Düzgünnama laýyklykda hereket edýär.

1.5. Her bir talybyň şu Düzgünnama laýyklykda talyplar geňeşiniň düzümini saýlamaga we saýlanmaga hukugy bardyr.

1.6. Talyplar geňeşiniň karary mekdebiň ähli talyplaryna degişlidir.

1.7. Talyplar geňeşi öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň kanunçylygyna, döwlet häkimiýet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň hukuk-kadalaşdyryjy resminamalaryna, mekdebiň Tertipnamasyna we şu Düzgünnama esaslanýar.

## 2. Talyplar geňeşiniň esasy maksatlary we meseleleri

2.1. Talyplar geňeşiniň işiniň maksatlary şu aşakdakylardan ybarat:

- raýat medeniýetini, talyplaryň raýatlyk işjeňligini emele getirmekden, olaryň jemgyýetçilik kämilliginiň, özbaşdaklygynyň, öz-özüni kämilleşdirmek ukyplarynyň ösdürilmegine oňyn täsir etmekden;
- mekdebi dolandyrmakda talyplaryň gatnaşmak hukuklarynyň amala aşyrylmagyny üpjün etmekden, okuw işiniň hiline baha bermekden;
- talyplarda öz-özüňi dolandyrmak ukyplaryny we endiklerini emele getirmekden, olary jemgyýetimiziň durmuşyna jogapkärçilikli gatnaşmaga taýýarlamakdan ybaratdyr.

2.2. Talyplar geňeşiniň meseleleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- talyplary ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamak bilen baglanşykly meseleleri çözmäge çekmek;
- talyplaryň ylmy we hünär gyzyklanmalaryny hasaba almak bilen okuw işiniň hilini ýokarlandyrmak boýunça teklipleri işlemek;
- talyplaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramak we wekilçilik etmek;
- talyplaryň bähbitlerine degişli okuw, ýaşaýyş-durmuş we beýleki meseleleri çözmäge kömek bermek;
- talyplaryň arasynda demokratik ýörelgeleri saklamak we ösdürmek;
- mekdebiň dolandyryş düzümlerine okuw we ylmy meseleler çözmäge, talyplaryň boş wagtyny we gündelik durmuşyny guramaga, sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmäge ýardam bermek;
- mekdebiň düzüm bölümleriniň alyp barýan işleriniň çäginde geçirilýän çärelerde ýardam bermek;
- talyplaryň akyl ýetirijiligini we öz bilim derejelerine talapkärçiligi ýokarlandyrmaga gönükdirilen işleri geçirmek;
- bilim edarasynyň emläklerine aýawly çemeleşmegi terbiýelemek;
- mekdebiň däplerine watançylykly ruhunda garamak;
- talyplara mekdebiň alyp barýan işleri hakynda maglumatlary ýetirmek;
- mekdepleriň arasyndaky aragatnaşyklary pugtalandyrmak;
- talyp ýaşlaryň türkmen jemgyýetiniň ösüşinde hakyky güýje we strategiki resursa eýe bolup durýandygy dogrusyndaky jemgyýetçilik pikirlerini döretmek;
- ýaşlaryň jemgyýetçilik ähmiýetli teklipleriniň amala aşyrylmagyny goldamak.

2.3. Talyplar geňeşiniň işi sebitiň, bilim ulgamynyň, şeýle hem mekdebiň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak bilen beýleki meseleleriň çözgütlerine hem gönükdirilip bilner.

## 3. Talyplar geňeşiniň düzümi we ony döretmegiň tertibi

3.1. Talyplar geňeşini we talyplar geňeşi hakynda Düzgünnamany döretmek hakynda karar kabul etmek üçin maslahat geçirilýär, onda talyplar geňeşi hakynda Düzgünnama üýtgeşmeleri we goşmaçalary girizmek, şeýle hem talyplar geňeşiniň hasabatlaryny diňlemek we tassyklamak, talyp geňeşiniň işiniň ähmiýetli ugurlaryny kesgitlemek, talyplar geňeşiniň dürli derejelerdäki ygtyýarlyklaryny saklamak hakynda meselelere seredilýär.

3.2. Maslahat ýylda bir gezek geçirilýär. Maslahatyň senesi we wagty, wekilçilik kadasy, şeýle hem maslahatyň gün tertibi mekdebiň talyplar geňeşi tarapyndan kesgitlenýär.

3.3. Mekdebiň talyplar geňeşi maslahat geçirilmezinden bir aý öň çagyryş hakynda gelinen karary yglan etmeli.

3.4. Maslahatyň wekilleri okuw toparlaryna wekilçilik edýän talyplar bolup durýar.

3.5. Maslahatyň wekilleri talyplaryň okuw toparlarynyň umumy ýygnaklarynda ýönekeý sesleriň köplügi bilen şu aşakdaky kada boýunça saýlanýar: her okuw toparyndan bir wekil.

3.6. Maslahat wekilleriň umumy sanynyň 2/3 bölegi gatnaşan bolsa, gelinen karar doly hukukly hasaplanýar.

3.7. Maslahatda seredilýän meseleler boýunça karar oňa gatnaşyjy wekilleriň ýönekeý ses köplügi bilen kabul edilýär.

3.8. Talyplar geňeşiniň düzümi geňeşiň başlygyndan we işjeň agzalardan ybaratdyr. Olar maslahata gatnaşýan wekilleriň arasyndan saýlanýar.

3.9. Mekdebiň talyplar geňeşiniň başlygy 1 ýyl möhlet bilen saýlanýar.

3.10. Mekdebiň talyplar geňeşi şu aşakdaky talyp komitetleriniň düzümlerini döredýär we tassyklaýar:

– maglumatlar komiteti;
– okuw we terbiýeçilik komiteti;
– ylymlar komiteti;
– talyplaryň hukuk goragy komiteti;
– hojalyk işleri komiteti;
– medeniýet we sport komiteti.

## 3. Talyplar geňeşiniň mekdebiň dolandyryş düzümi bilen özara gatnaşygy

4.1. Talyplar geňeşini bilen mekdebiň dolandyryş düzüminiň arasyndaky özara gatnaşygy şu Düzgünnama esasynda utgaşdyrylýar.

4.2. Talyplar geňeşi mekdebiň dolandyryş düzümi bilen özara hyzmatdaşlyk we özbaşdaklyk ýörelgeleri esasynda gatnaşyk edýär.

4.3. Mekdebiň dolandyryş düzüminiň wekilleri talyplar geňeşiniň mejlislerine gatnaşyp bilerler.

4.4. Talyplar geňeşiniň teklipleri mekdebiň degişli dolandyryş düzümi tarapyndan seredilýär.

4.5. Mekdebiň gündelik işleriniň meseleleri boýunça çözgütleri kabul etmekde dolandyryş düzümi talyplar geňeşiniň pikirlerini hem nazarda tutmaly.

4.6. Talyplar geňeşiniň başlygy ähli talyplaryň adyndan wekilçilik etmek bilen, ol mekdebiň işgärleriniň umumy ýygnagyna hem gatnaşyp biler.

## 5. Talyplar geňeşiniň hukuklary we borçlary

5.1. Talyplar geňeşiniň hukugy bardyr:

- mekdebiň talyplarynyň bähbitlerine degişli kadalaşdyryjy resminamalary işläp düzmek we kämilleşdirmek işlerine gatnaşmaga;
- okuw işiniň hiline baha bermek işine gatnaşmaga, talyplaryň ylmy we hünär taýdan gyzyklanmalaryny hasaba almak bilen ony kämilleşdirmek boýunça, okuw sapaklarynyň tertibini, hasap-synaglary geçirmegiň rejesini, önümçilik tejribeliklerini, talyplaryň durmuşyny we dynç alyşyny guramak boýunça mekdebiň dolandyryş düzümine teklipleri bermäge;
- talyplara degişli ýaşaýyş-durmuş we maliýe meseleleri çözmäge gatnaşmaga;
- okuwyň we mekdebiň düzgün-nyzamynyň kadalaryny bozan talyplar bilen baglanşykly meseleleri çözmäge gatnaşmaga;
- okuw we okuwdan daşary ugurlarda gazanan üstünlikleri üçin, şol sanda talyplar geňeşiniň işine we mekdebiň jemgyýetçilik durmuşyna işjeň gatnaşandygy üçin sylaglary işläp düzmekde we ýerine ýetirmek işiniň ulgamyna gatnaşmaga;
- mekdepde okaýanlaryň arzalaryny we şikaýatlaryny seretmäge hem-de jedelleri çözmek işlerine gatnaşmaga;
- talyplar geňeşiniň işi üçin mekdebiň dolandyryş düzüminden zerur bolan maglumatlary almaga;
- maddy-tehniki binýady peýdalanmak meseleleri çözmek boýunça teklipleri girizmäge;
- talyplaryň, şeýle hem talyplar geňeşiniň hukuklary bozulan ýa-da çäklendirilen halatynda mekdebiň dolandyryş düzüminden bozulan hukuklary dikeltmek boýunça, şeýle hem günäkär şahslara düzgün-nyzam temmi çärelerini görmek boýunça teklip bilen ýüz tutmaga.

- mekdebiň okuwdan daşary çärelerini meýilleşdirmek, taýýarlamak, geçirmek we seljermek işlerine gönüden-göni gatnaşmaga;
- mekdepde döredilýän dürli derejeli geňeşleriň işine gatnaşmaga.

5.2. Talyplar geňeşiniň borçlary:

- talyplaryň akyl ýetirijiligini we özleriniň bilim derejelerine talapkärçiligi ýokarlandyrmak;
- mekdebiň emläklerine aýawly çemeleşmegi terbiýelemek;
- okuw binada okuw düzgünleriniň we hukuk kadalarynyň berjaý edilmegine gönükdirilen işleri geçirmek;
- talyplaryň mekdebiň Tertipnamasynda we içki zähmet düzgün-nyzamynda kesgitlenen kadalary berjaý etmekleri boýunça işleri geçirmek;
- mekdebiň dolandyryş düzümine okuw işlerini guramak boýunça ýardam bermek;
- talyplar geňeşine talyplar tarapyndan berlen ähli haýyşnamalara we arzalara öz wagtynda kesgitlenen tertipde seretmek;
- Düzgünnama we talyplar geňeşiniň okuw ýyly üçin meýilnamasyna laýyklykda iş geçirmek;
- talyplaryň ýaşaýyş-durmuş ähmiýetli tekliplerini goldamak;
- talyplaryň ýaşaýyş-durmuşy, şeýle hem okuwy we dynç almagy üçin zerur bolan şertleri döretmäge ýardam bermek;
- mekdebiň dolandyryş düzüminiň öňünde, döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriň, beýleki guramalaryň we edaralaryň öňünde talyplaryň bähbitlerine wekilçilik etmek we goramak;
- mekdebiň degişli dolandyryş düzümine öz alyp barýan işleri hakynda maglumat bermek.

## 6. Talyplar geňeşiniň işini üpjün etmek

6.1. Mekdebiň dolandyryş düzümi talyplar geňeşiniň işini üpjün etmek üçin zerur bolan harajatlary göterýär.

6.2. Talyplar geňeşiniň işini üpjün etmek üçin mekdebiň dolandyryş düzümi otag, kompýuter tehnikasy we beýleki maglumatlar bilen üpjün edýär.